BMG-nyň ÖSÜŞ MAKSATNAMASY

**Taslamalaýyn resminama**

***[Türkmenistan]***

Empowered lives. Resilient nations.

**Taslamanyň ady:** Bank işinde işewürligi alyp barmagy we sanly özgertmeleri goldamak

**Taslamanyň belgisi:**

**Ýerine ýetiriji hyzmatdaş:** Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky

**Başlanýan senesi:** 01.10.2019 **Tamamlanýan senesi**: 31.12.2020


**Gysgaça beýany**

Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda göz öňünde tutulan milli strategik maksatlara, Bank ulgamyny ösdürmegiň Milli strategiýasyna, Ykdysady, maliýe we bank sektoryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasyna we Türkmenistanyň sanly ykdysadyýetini ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin konsepsiýasyna gollanyp we 2018-nji ýylda durmuşa geçirilen «Ösüş ulgamynda halkara maliýeleşdirmegiň elýeterligini giňeltmäge ýardam etmek» atly bilelikdäki taslamada gazanylan üstünliklere esaslanyp, Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky (TDYIDB) we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (BMGÖM) şu taslamanyň çäklerinde TDYIDB-nyň innowasion telekeçilik modelini we sanly özgertmelerini işläp taýýarlamak boýunça hyzmatdaşlygy dowam etmek maksady bilen, täze taslamany işe girizýärler. Şeýle hem taslama BMGÖM bilen TDYIDB-nyň arasynda gol çekilen, Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ösüşi maliýeleşdirmegi jemlemek boýunça bilelikde hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamany durmuşa geçirmäge ýardam eder.

Taslamanyň umumy maksady, DÖM-ny durmuşa geçirmek üçin ösüşi halkara maliýeleşdirmegiň dolandyrylyşyny gowulandyrmak we TDYIDB-nyň telekeçilik işleriniň we sanly özgertmeleriniň ýerine ýetirilmegine goldaw bermek maksatlarynda TDYIDB-nyň kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirirlendir. Bu ugurda taslama şu bölekleri öz içine alar: i) ösüş ulgamynda halkara maliýesini jemlemegi we onuň dolandyryşyny gowulandyrmak üçin tehniki bilimler we tejribe; ii) maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary bilen (MHHS) laýyklygy ýokarlandyrmak; iii) sanly özgertmeler üçin esas döretmek; iv) TDYIDB-nyň işgärleriniň kuwwatyny ösdürmek we mümkinçiliklerini giňeltmek.


| | |
|---|---|
| BMG-TKM RPP 2016-2020 7 netijesini gazanmaga ýardam etmek: Strategiýalar bar we ykdysadyýeti durnukly diwersifisirlemek ýoly bilen inklýuziw iş bilen üpjünçilige ýardam edýän kadalar ýönekeýleşdirildi | |
| Aralyk netije (ler): Inklýuziw we durnukly ösüş we ýokarlanyş, üpjünçiligi pes we ynjyk gatlaklar üçin iş ýerlerini we ýaşamak üçin serişdeleri üpjün etmek mümkinçiligini döredýän önümçilik kuwwatyny öz içine alýar | |

| | | |
|---|---|---|
| **Talap edilýän serişdeleriň umumy pul möçberi:** | 643,903 amerikan dollary | |
| **Bölünip berlen serişdeleriň umumy pul möçberi:** | **BMGÖM-nyň serişdeleri:** | 10,000 amerikan dollary |
| | **Hökümet:** | 633,903 amerikan dollary |

Ylalaşyldy (gollar):

| Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky | BMGÖM |
|---|---|
| Jepbarow Rahymberdi<br>Müdiriýetiň başlygy | Natia Natswlişwili<br>Hemişelik wekiliň w.ýe.ýe. |
| Sene: 7.10.19 | Sene: |

# I. HÄZIRKI ÝAGDAÝYŇ BEÝANY

Durnukly ösüş ulgamynda 2030-njy ýyla çenli Gün tertibi amala aşyrylyp başlanandan üç ýyldan soň Türkmenistan, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak we DÖM boýunça gözegçiligi amala aşyrmak we hasabatlary taýýarlamak üçin milli platformany döretmek maksatlarynda maliýeleşdirmegi giňeltmek mümkinçiligini öwrenmek bilen, Gün tertibini özüniň mili ösüş we meýilnamalaryna we strategiýasyna laýyk getirýär.

Addis-Abebada kabul edilen Hereketler maksatnamasynda beýan edilen ileri tutulýan ugurlara we borçnamalara gollanyp we Durnukly ösüş ulgamynda 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini we onuň irnik (ambisioz) maksatlaryny we wezipelerini durmuşa geçirmegiň örän köp möçberde maýa goýumlaryny we hyzmatlaýk gatnaşyklaryny talap etjekdigini nazara almak bilen, Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky (TDYIDB) we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (PROON) «Ösüş ulgamynda halkara maliýeleşdirmegiň elýeterligini giňeltmäge ýardam etmek» atly bilelikdäki taslamany başladylar. Taslama 2018-nji ýylda amala aşyryldy we şu üç bölegi öz içine aldy: i) daşarky maliýeleşdiriş üçin utgaşdyryjy mehanizmleri kämilleşdirmek; ii) TDYIDB üçin telekeçilik strategiýasyny işläp taýýarlamak; we iii) TDYIDB-da sanly bank hyzmatyny ornaşdyrmak üçin meýilnamany taýýarlamak.

2018-nji ýylda Aşgabatda «Beýik Ýüpek ýolunyň ýüreginde ösüşi maliýeleşdirmek üçin hyzmatdaşlyk» atly maslahatyň geçirilmegi şu taslamada möhüm waka boldy. Ýurduň meýilnamalaryny we DÖM-na laýyklykda durnukly ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny durmuşa geçirmäge goldaw bermek üçin Türkmenistana elýeter bolup biljek esasy/geljegi has gowy bolan maliýeleşdiriş çeşmelerini ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, bu çärä hökümetleriň, hususy kärhanalaryň, halkara maliýe institutlarynyň 200-den gowrak wekili gatnaşdy. Maslahat Türkmenistanda DÖM-ny gazanmak üçin ösüşi maliýeleşdirmegi jemlemek boýunça Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky bilen BMGÖM-nyň arasynda bilelikde hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama, şeýle «Al Qamra Holding Group» (Katar döwleti) hususy kompaniýasy bilen Türkmenistanda durmuşa geçirilip bilinjek taslamalary maliýeleşdirmek hakynda ylalaşyga gol çekilmegi bilen tamamlandy.

Mundan başga-da, taslamanyň çäklerinde: daşarky maliýeledirişiň hasabyna ösüş ulgamynda milli taslamalary maliýeleşdirmek boýunça gollanmany işläp taýýarlamaga goldaw berildi, bu gollanmada ösüş ulgamynda taslamalary maliýeleşdirmek üçin ýüztutma berlen mahalynda geçirilýän düzgün-tertipler we mümkin bolan karz berijilere bildirilýän iň pes talaplar beýan edildi. Şundan soň TDYIDB-nyň işgärleriniň gepleşikleri alyp barmak, taslamalary dolandyrmak endiklerini we ş.m. kämilleşdirmek maksady bilen, olar üçin treningler tapgyry geçirildi. Şunda bank ulgamynyň we hususy bölegiň 50 wekili üçin ähmiýetli maýa goýum taslamalary we maliýeleşdirmegiň innowasion mehanizmleri hödürlendi.

Ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň we Bank ulgamyny ösdürmegiň milli strategiýasynyň maksatlaryna we wezipelerine laýyklykda TDYIDB-nyň bank strategiýasyny we sanly özgertmeler strategiýasyny kämilleşdirmek boýunça Banka ýardam etmek maksady bilen, TDYIDB-nyň häzirki ýagdaýyna seljerme geçirmek we telekeçilik işleri we sanly özgertmeler boýunça strategiýany işläp taýýarlamak üçin taslama tarapyndan «PriceWaterhouseCoopers» (PWC) kompaniýasy çekildi.

Döwlet tarapyndan TDYIDB-na berilýän goldawy, halkara maliýe institutlary bilen özara gatnaşyklary pugtalandyrmak we olaryň netjeliligini ýokarlandyrmak we onuň hyzmat edýän bazarlaryny giňeltmek üçin iň ýokary standartlara laýyklykda innowasion we sanly önümleri hödürlemek we hyzmat etmek arkaly müşderileriniň arasynda abraýyny ýokarlandyrmak, Döwlete, döwlet bölegine, hususy bölege, ýurduň raýatlaryna berilýän goldawy gowulandyrmak üçin TDYIDB-na teklip edilen strategiýa tutuş banka degişli üç (3) esasy wezipäni we alty (6) sany kömekçi wezipäni öz içine alýar:

1. Müşderileri ugrukdyrmagy ýokarlandyrmak we gelip gowuşýan serişdeleriň binýadyny giňeltmek
   - 1.1. Döwlet sektoryna hyzmat etmegi dowam etmek we hususy korporatiw müşderiler tarapyna diwersifisirlenmek,
   - 1.2. Bölek satuw segmentini ösdürmek,

1.3. Satuwlara gözükdirilenn banky döretmek,

2. Amallaryň netijeliligini we düşewüntliligini üpjün etmek:

2.1. Bankyň işlerini we guramaçylyk gurluşyny amatly etmek

2.2. MT-ny we MT-nyň howpsuzlygyny gowulandyrmak

3. Maýanyň gurluş düzümine gowulandyrmak

3.1. Hususy maýa bilen umumy maýanyň gatnaşygyny gowulandyrmak ýoly bilen maýa binýadyny pugtalandyrmak.

TDYIDB-nyň teklip edilen strategiýasyny amala aşyrmakda öňegidişlik gazanmak üçin "Maksatlar boýunça dolandyrmak" esasyny kabul etmek zerurdyr, oňa laýyklykda TDYIDB-nyň we işgärleriň tagallalary goýlan maksatlara laýyklyk babatynda ölçener. Şeýle hem "Jogapkärçilik, hasabat bermeklik, maslahat bermek, maglumat bermek" (RACI framework) esasyna laýyklykda dolandyrmak maslahat berilýär, oňa laýyklykda, her bir tabşyryga şol wezipeleriň amala aşyrylmagy üçin jogapkär işgärler berkidilýär.

Bu iki çemeleşmäniň ornaşdyrylmagy, gazanylan netijeleriň esasynda zähmet hakyny kesgitlemekde üýtgetmeleri amala aşyrmak üçin TDYIDB-nyň işgärleriniň wezipe düzgünnamalaryna üýtgetmelenriň girizilmegini talap edip biler. Bu TDYIDB-na dolandyryşy netijeliligiň has maksada gönükdirilen esasy görkezijilerini gazanmak üçin amala aşyrmaga mümkinçilik berer. „Maksatlar boýunça dolandyrmak" esasy ornaşdyrylanda TDYIDB-na, olary ilerletmek üçin zerur bolan degişli başlangyçlar bilen, ýokarda görkezilen ulgamlarda ugrukdyryjy maksatlary (Netijeliligiň esasy görkezijileri – NEG) döretmek maslahat berilýär.

TDYDB-nyň strategiýasyny ýerine ýetirmekde ýene bir esasy element MT-na we sanly özgertmelere maýa goýmak bolup durýar. 2018-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Hökümeti Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin konsepsiýasyny kabul etdi, bu Konsepsiýa Internetiň tizligini we elýeterligini gowulandyrmaga we şäher we oba ilatyna sanly hyzmat etmekdäki tapawutlary aradan aýyrmaga gönükdirilendir. «PriceWaterhouseCoopers» kompaniýasyny tarapyndan geçirilen baha bermelere laýyklykda, TDYIDB özüniň bäsdeşleriniň yzyndan ýetmek üçin geljek ýyllarda innowasiýalary we tehnologiýalary gyssagly tertipde artdyrmaly bolar.

«PriceWaterhouseCoopers» kompaniýasy tarapyndan geçirilen baha berme TDYIDB sanly bank hyzmatynyň giň gerimli amal modelini ornaşdyrmaga häzirlikçe taýýar däldir. Giň gerimli sanly bank hyzmatyny etmegiň şu häsiýetnamalary bardyr: müşderilerden ugur almak, diňe sanly esasda (şahamçalar bolmazdan) hyzmat etmek, doly sanlaşdyrylan utgaşykly telekeçilik işleri, maglumat tehnologiýalaryndan peýdalanmak bilen hyzmat etmegi awtomatlaşdyrmak, ýokary hilli maglumatlar babatynda seljeriş serişdelerinden peýdalanmak, üpjün edijileri, mysal üçin, „bulut" hyzmatlary bilen üpjün edijileri gözlemek üçin modeller. Şonuň üçin TDYIDB-na sanly özgertmeler boýunça başlangyçlar bilen çykyş etmek teklip edilýär, olar sanly telekeçilik işleriniň modellerini mundan beýläk hem ösdürmek üçin esasy döreder. Bu başlangyçlar MT çözgütleriniň kömegi bilen degişli derejede awtomatlaşdyrmagy we bankyň esasy elementleriniň gurşalyp alynmagy üpjün etmäge mümkinçilik berer we MT-nyň we telekeçilik-arhiterturasynyň mundan beýläk hem ösdürilmegi üçin berk esas döreder.

TDYIDB bilen BMGÖM-nyň 2018-nji ýylda amala aşyrylan bilelikdäki taslamasynyň üstünlikli netijelerini nazara almak bilen we innowasion telekeçilik modelini we sanly özgertmeleri işläp taýýarlamak ulgamynda goldaw bermegi dowam etmek üçin BMGÖM we TDYIDB „Bank ulgamynda telekeçiligi alyp barmak we sanly özgertmeler ulgamynda goldaw bermek" atly täze taslamany işe girizmek isleýärler.

Bu taslama milli strategik maksatlara, bank işini ösdürmegiň bank önümleriniň we hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmaga, töleg ulgamlaryny kämilleşdirmäge, bank işiniň ähli derejelerinde sanly özgertmelere, hususy bölegi goldamaga we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklygy üpjün etmäge gönükdirilen uzak möhletli strategiýasyna laýyk gelýär. Taslamanyň çäklerinde sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça Konseptual resminamanyň, şeýle hem BMGÖM bilen TDYIDB tarapyndan gol çekilen, Türkmenistanda DÖM-ny gazanmak üçin ösüşi maliýeleşdirmegi jemlemek boýunça bilelikde hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň düzgünlerini durmuşa geçirmek işinde ýardam bermekligi göz öňünde tutýar.

## II. STRATEGIÝA

Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda göz öňünde tutulan milli strategik maksatlara, Bank ulgamyny ösdürmegiň Milli strategiýasyna, Ykdysady, maliýe we bank sektoryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasyna we Türkmenistanyň sanly ykdysadyýetini ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin konsepsiýasyna gollanyp we 2018-nji ýylda durmuşa geçirilen «Ösüş ulgamynda halkara maliýeleşdirmegiň elýeterligini giňeltmäge ýardam etmek» atly bilelikdäki taslamada gazanylan üstünliklere esaslanyp, Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky (TDYIDB) we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (BMGÖM) TDYIDB-nyň innowasion telekeçilik modelini we sanly özgertmelerini işläp taýýarlamak boýunça hyzmatdaşlygy dowam etmek maksady bilen, „Bank ulgamynda telekeçiligi alyp barmak we sanly özgertmeler ulgamynda goldaw bermek“ atly täze taslamany işe girizýärler.

Täze taslama BMGÖM bilen TDYIDB-nyň arasynda gol çekilen, Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ösüşi maliýe serişdelerini jemlemek boýunça bilelikde hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň düzgünlerini durmuşa geçirmek üçin başlandy, bu Ähtnama TDYIDB-nyň daşarky maliýe serişdelerini çekmek we ösüş ulgamynda taslamalary maliýeleşdirmegi amala aşyrmak üçin zerur bolan kuwwatyny pugtalandyrmagy dowam etmäge gönükdirilendir.

Şu maksat bilen, taslamanyň çäklerinde hyzmatdaşlygyň aşakdaky ugurlary kesgitlendi:

1. *Ösüş ulgamynda halkara maliýe serişdelerini jemlemegi we dolandyrmagy gowulandyrmak üçin tehniki seljeriş (ekspertiza)*

Addis-Abebada kabul edilen hereketler maksatnamasyna laýyklykda, ösüş ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy we serişdeleri karz almak durnukly ösüşi, şol sanda DÖM-ny gazanmak üçin möhüm ähmiýeti bolan maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmekde wajyp orun tutýar. TDYIDB halkara maliýe serişdelerini çekmek boýunça Türkmenistanyň Hökümetiniň resmi agenti hökmünde özygtyýarly karzlary we maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek we olara gözegçilik etmek üçin kuwwaty ýokarlandyrmak gerek bolar. Şunuň bilen baglylykda, taslama tarapyndan halkara we milli bilermenler çekiler, olar maliýe we täjirçilik işiniň hiline gözegçiligi üpjün etmek maksady bilen, maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň ähli tapgyrlarynda TDYIDB üçin uzak möhletlilik esasynda maslahatlary bererler we halypaçylyk ederler. Çekilen daşarky bilermenler öz bilimlerini we tejribesini TDYIDB-nyň işgärlerine öwrederler diýlip garaşylýar.

Şeýle hem taslamanyň çäklerinde TDYIDB-na şu ugurlar boýunça goldaw berler: maliýe institutlary (MI) üçin geçirilýän göçme tanyşdyryş çäreleriniň materiallaryny işläp taýýarlamak; geljekde halkara agentliginden karz reýtingini almak üçin reýtingleri bermek işi baradaky düşünjäni çuňlaşdyrmak. Bu TDYIDB-na karz serişdeleriň halkara bazaryna çykmak üçin köp mümkinçilikleri almaga ýardam eder.

Mundan başga-da, taslamanyň çäklerinde TDYIDB-na bergileri dolandyrmak, töwekgelçilikleri dolandyrmak we dürli maliýeleşdiriş çeşmeleriniň arasynda eglişikli (kompromis) çözgütleri seljermek ulgamynda kuwwaty pugtalandyrmak boýunça ýardam ediler, şeýle hem daşarky hosalalardan goranmakda we maliýe serişdeleriniň durnukly we birsyhly elýeter bolmagyny üpjün etmekde kömek berler. Şeýle hem TDYIDB-nyň işgärleri HPG-nyň we Bütindünýä bankynyň daşarky bergileriň derejesiniň kabul ederlikdigini kesgitlemek we döwlet bergisini oýlanyşykly dolandyrmak üçin peýdalanylýan seljeriş serişdeleri bilen tanyşyp bilerler.

Durnukly ösüşe gönükdirilýän maliýe serişdelerini saklamak maksatlarynda dürli maliýe gurallarynyň we çeşmeleriniň amatly peýdalanylyşyna aýratyn üns berler. BMGÖM we TDYIDB özleriniň açyk görnüp duran belli bir artykmaçlyklaryny, şol sanda YÖB-nyň Dolandyryjysynyň edarasy we halkara maliýeldeşdirmek boýunça hökümet agenti hökmünde hereket edýän TDYIDB-nyň ygtyýarlyklaryny we BMGÖM-nyň DÖM-ny durmuşa geçirmek işinde ýurda goldaw bermek üçin platforma hökmündäki täze ornuny we onuň ösüş ulgamynda taslamalary amala aşyrýan ministrlikler we beýleki pudak edaralary bilen ýakyn aragatnaşyklaryny durnukly we inklýuziw ösüş maksatlary üçin halkara maliýe serişdelerini iş ýüzünde ulanmak üçin peýdalanarlar. Hususan-da, taslama maliýe institutlaryndan we iki taraplaýyn maliýe

institutlaryndan alnan gündelik grantlary we tehniki kömegi peýdalanmak üçin mümkinçilikleri öwrener.

2. *Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklygyny ýokarlandyrmak*

2012-nji ýyldan başlap TDYIDB özüniň maliýe hasabatlylygyny Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna (MHHS) laýyklykda taýýarlaýar. 2014-nji ýylyň iýulynda Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň halkara standartlary boýunça geňeş (BHHSG) MHHS-nyň (IFRS) „Maliýe gurallary" 9 standartynyň täze görnüşini tassyklady, ol 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girdi. MHHS 9 standartynyň gutarnykly görnüşi maliýe gurallaryny hasaba almagyň ähli tapgyrlaryny, ýagny toparlara bölmegi we ölçemegi, gymmatynyň gaçmagyny we hejirlemegi bir ýere jemleýär we BHHS – Maliýe gurallary 39 standartyny – ykrar etmek we baha bermek – çalyşýar. MHHS 9 standarty bank ulgamyna örän uly täsir eder, sebäbi bu ýerde maliýe gurallarynyň toparlara bölünişine düzediş girizmek talap ediler. Adatça has köp maliýe gurallary bolan banklar özlerinde bar bolan her bir guralyň topara bölünişiniň üýtgändigine we eger üýtgän bolsa nähili üýtgändigine baha bermeli bolarlar. Mundan başga-da, däp bolan „çekilen ýitgiler modelini" çalyşmak üçin „garaşylýan ýitgiler modeliniň" ornaşdyrylmagy karzlaşdyrylýan möhletiň bütin dolwamynda karz töwekgelçiliginiň derejesine üznüksiz gaýtadan baha bermeleri geçirmegi talap eder, ozalky modelde karzlara bir gezek absolýut manyda baha berilýärdi. Şeýle hem bu standart hejirlemek maksatnamasy bolan kompaniýalara täsir edýär we hejirlemek gurallaryny has elýeter etmegi mümkin.

MHHS 9 standartyny ulanmakda TDYIDB-na goldaw bermek maksady bilen, taslamanyň çäklerinde TDYIDB-nyň maliýe hasabatlaryny taýýarlaýan we MHHS 9 standartynyň TDYIDB-nyň işine we maliýe hasabatlarynyň taýýarlanyşyna edýän täsirine baha bermek üçin peýdalanýan işgärleri üçin birnäçe okuw seminarlary geçiriler. Hususan-da, taslamanyň çäklerinde MHHS 9 standartynyň maliýe gurallaryna çuňlaşdyrylan seljerme geçirmek, şol sanda telekeçilik modelini düşündirmek üçin we maliýe aktiwlerini toparlara bölmek üçin pul akymlarynyň häsiýetnamalaryna barlag (test) geçirmek, maliýe aktiwleriniň we maliýe borçnamalarynyň ulanyş tutumy alynýan gymmatyny we adalatly gymmatyny kesgitlemek, maliýe aktiwlerini ykrar etmegi (hyzmat etmegi dowamy etmegi, üznüksiz gatnaşmagy we ş.m.) bes etmek, karzlar boýunça garaşylýan ýitgileri ölçemek, hejirlemegiň dürli görnüşlerini hasaba almak we olaryň maliýe hasabatlarynyň täsirini öwrenmek üçin köp sanly mysallary we şekilli materiallary hödürlemek meýilleşdirilýär. Mundan başga-da, okatmagyň çäklerinde MHHS 7 standartynda görkezilen maglumatlary açmak meseleleri we MHHS 13 standartynda göz öňünde tutulan adalatly gymmaty kesgitlemegiň ýörelgeleri gurşalyp alnar. Şeýle hem taslamanyň çäklerinde, MHHS 9 standartyny bar bolan MT ulgamyna orrnaşdyrmagy goşmak bilen, MHHS 9 standartynyň talaplaryny ýerine ýetirmek üçin TDYIDB-nyň maliýe hasabatlylygyny özgertmek boýunça iş ýüzünde goldaw berler.

3. *Sanly özgertmeler üçin esas döretmek*

Ykdysadyýetde sanly özgertmeler geljek ýyllarda ýurt üçin esasy we ileri tutulýan ugur bolup durýar. 2018-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Hökümeti Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin konsepsiýasyny kabul etdit. Bank ulgamyny ösdürmegiň milli strategiýasy hem internetiň we mobil bank platformalarynyň kömegi bilen bank sektoryny sanly tehnologiýalara geçirmegi göz öňünde tutýar. Mundan başga-da, TDYIDB 2018-2021-nji ýyllar üçin telekeçilik we sanly strategiýany tassyklady, ol TDYIDB bilen BMGÖM-nyň bilelikdäki taslamasynyň çäklerinde „PriceWaterhouseCoopers" kompaniýasy tarapyndan taýýarlandy.

TDYIDB tutuş ýurt boýunça müşderileriň giň toparyna hyzmat edýän döwlet täjirçilik banky bolup durýar. Häzirki wagtda müşderiler üçin hyzmatlar şahamçalaryň we bankomatlaryň çäkli ulgamynyň üstünden amala aşyrylýar. Müşderiler binýady hyzmat etmegiň görnüşleriniň has giň ýaýramagyndan peýda alyp biler, eger bankda uzak aralykdaky müşderilere harajatlar nukdaýnazaryndan netijeli hyzmat emek mümkinçiligi peýda bolsa, onda bu onuň üçin has amatly bolar. Internet-banking ulgamynyň (Internetiň üstünden bank hyzmatyny etmek) hyzmatlaryň gymmatyny amatly eder, peýdalanmagyň amatlylygyny ýokarlandyrar we geografiýa taýdan gurşalyp alynýan ugurlary giňeltmäge mümkinçilik berer. Internet-banking – bu diňe bir satuwlaryň ugrukdyrylyşyny gowulandyrmagyň amatly usuly bolman (şahamçalaryň üstünden satuwlar üçin köp wagt gerek bolýar; satuwlary Internetiň üstünden amala aşyrmak boýunça strategiýa girdejileriň möçberini artdyrmalydyr), eýsem amal çykdajylaryny azaltmak üçin hem möhüm gural

bolup durýar: gysga möhletli geljekde hyzmatlaryň köpüsi onlaýn düzgüninde edilip bilner. Munuň üçin TDYIDB-nyň MT ulgamyna köp möçberde maýa goýumlar gerek bolar.

Şunuň bilen baglylykda, taslamanyň çäklerinde TDYIDB-nyň MT ulgamynyň infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmaga goldaw berler, bu serwerleri, ulgam enjamlaryny, şahsy kompýuterleri, çap edýän enjamlary, bankomatlary/POS teriminallary satyn almak we işiň netijeliligine baha bermegiň, iş stanýsiýalaryny we printerleri standartlaşdyrmagyň usullaryny ornaşdyrmak we bankomatlar we POS terminalllar ulgamy üçin meýilnama işläp taýýarlamak maksatlarynda MT hyzmatlaryny etmek üçin daşarky üpjün edijiler çekiler.

Mundan başga-da, taslama tarapyndan MT hyzmatlary bilen daşarky üpjün edijiler çekiler, olar telekeçiligi alyp barmak, maglumat, maglumat ulgamlary we tehnologik infrastruktura ýaly esasy ugurlar boýunça prosesleri we ulgamlary dolandyrmak babatynda TDYIDB-na MT hyzmatlaryny ýerine ýetirerler. Degişli guramaçylyk gurluşy bolan, hünärli we ýokary derejeli MT toparyny döretmek we ösdürmek üçin daşarky bilermen (bilermenler) ITIL (Information Technology Infrastructure Library – Maglumat tehnologiýalarynyň infrastrukturasynyň kitaphanasy) 3-nji görnüşiniň standart gurluşyny ornaşdyrmak, MT prosesiniň modelini işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak, maglumat tehnologiýalarynyň esasynda täze dolandyryş modelini döretmek, MT bölüminde borçlary we gözegçilik mehanizmlerini bölüşdirmäge mümkinçilik berýän täze dolandyryş mehanizmini ornaşdyrmak, endikleri ösdürmek boýunça meýilnamany we bankyň MT bölüminiň zerurlyklaryna laýyklykda täze işgärleri işe kabul etmek boýunça meýilnamany işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak ulgamynda TDYIDB-nyň kuwwatyny we mümkinçiliklerini ýokarlandyrar diýlip garaşylýar.

4. *TDYIDB-nyň işgärleriniň kuwwatyny ösdürmek we mümkinçiliklerini giňeltmek*

Işgärler strategiýanyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde esasy orun eýeleýärler. TDYIDB-na öz işgärlerini okatmak we guramanyň kuwwatyny artdyrmak we mümkinçiliklerini giňeltmiek üçin birnäçe täze işgärleri işe almak zerurdyr. Munuň üçin adam serişdeleri we işgärleri toplamak, uýgunlaşdyrmak, okatmak, üznüksiz ösdürmek we saklamak babatynda täze çemeleşmeler gerek bolar. Taslama tarapyndan işi ösdürmegiň we sanly tehnologiýalara geçmegiň şu ulgamlarynda TDYIDB-nyň işgärleriň täze tehniki endiklerini we ukyplaryny ösdürmek babatynda goldaw berler: i) satuwlar we gatnaşyklapry ýola goýmak ulgamynda endikler; ii) önümleri ösdürmek; iii) MT-nyň howpsuzlygy; iv) kiberhowpsuzlyk; v) karz tölewkgelçiligni dolandyrmak; vi) bank proseslerini kämilleşdirmek; vii) taslamany dolandyrmak; viii) müşderilere hyzmat etmek endikleri; ix) bank talaplarynyň berjaý edilişini üpjün etmek; x) marketing we xi) maliýe seljermesi. TDYIDB-nyň baglylykda, seminarlaryň sanawyna strategiýany durmuşa geçirmegiň barşynda ýüze çykýan üýtgetmeleri we düzedişleri girizip bolar. TDYIDB-da işleýän işgärleriň 60 göterimden ýokary sany zenanlar bolup durýandygyny nazara alyp, taslamanyň amala aşyrylýan wagtynda zenanlaryň okadylmagyna aýratyn üns beriler.

TDYIDB Türkmenistanyň halkara başlangyçlarynda merkezi orun eýeleýän hem bolsa, ol funksional laýyk getirilen bölümleri we onuň taryhyny görkezýän basgançaklary bolan döwlet banky bolup durýar. Şunuň ýaly guramaçylyk gurluşynyň TDYTDB tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda üstünlikli peýdalanylandygyna garamazdan, bazar şertleri üýtgedi. Bäsdeşlik ýokarlanýar. Bank ulgamyny ösdürmegiň strategiýasy kämilleşdirildi we müşderileriň garaşmalary üýtgedi. Özgertmeler boýunça şu maksatnamany durmuşa geçirmäge has netijeli usul bilen girişmek üçin TDYIDB, onuň goýlan maksatlara laýyk gelmegini üpjün etmek maksady bilen, özüniň guramaçylyk gurluşyna üýtgetmeleri girizmek mümkinçiligine seretmelidir (bu bolsa öz gezeginde, dolandyryşa, zähmet hakyna we ş.m. täsir eder).

Ýokarda görkezilen çäreleri ýerine ýetirmek üçin, taslamanyň çäklerinde korporatiw müşderilere bank hyzmatyny etmegiň iň gowy strategiýalaryna we „Maksatlar boýunça dolandyrmak“ esasyna (oňa laýyklykda TDYIDB-nyň we onuň işgärleriniň tagallalary anyk maksatlara laýyk gelýändigi babatda ölçeniler) degişli habarlylygy we bilimleri ýokarlandyrmak arkaly özgerdiji üýtgetmeleri taýýarlamakda TDYIDB-na goldaw berler. Şeýle hem TDYIDB-nyň ýolbaşçylygy RACI esas bilen tanyş bolar, oňa laýyklykda her bir tabşyryga wezipesine jogapkärçilik, hasabat bermek, geňeş bermek, maglumat bermek girýän işgärler berkidiler.

Teklip edilýän taslama Birleşen Milletler Guramasy bilen Türkmenistanyň arasynda ylalaşylan, 2016-2020-nji ýyllar Ösüş maksatlarynda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamanyň (ÖMÇM) düzgünlerine laýyk gelýär. ÖMÇM „„donor – kömek alyjy" ýörelgelerinde özara hereket etmekden daşlaşylýandygyny belleýär we durnukly ösüş çemeleşmelerini peýdalanmagyň hasabyna gazanylýan we Türkmenistanyň halkynyň ömrüniň dowamlylygyny ýokarlandyrmak, saglygyny berkitmek we hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak üçin şertleri döretmäge ýardam edýän ösüşiň iki belgili san derejesini saklamaga çalyşýan, girdejisiniň derejesi ortadan ýokary bolan ýurt bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir".

ÖMÇM-da kesgitlenen sekiz netijäniň arasynda, Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň agentlikleriniň arasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň netijesinde „Ykdysadyýeti durnukly diwersifisirlemek ýoly bilen inklýuziw iş bilen üpjünçilige ýardam edýän strategiýalar bar we kadalar ýönekeýleşdirildi" mowzukly netijäniň (7) maksady amala aşyrylar diýlip garaşylýar. Degişlilikde, ÖMÇM-da, beýlekileriň hatarynda, şol netijäni we degişli DÖM-ny gazanmaga ýardam etjek şu strategiýalar kesgitlendi:

- «Ýurduň ykdysadyýetini diwersifisirlemegi we onuň uglewodorod sektoryna az derejede esaslanýan we köp sanly iş ýerleriniň döredilmegini üpjün edýän durnukly we ähli zady öz içine alýan ösüşi gazanýan bazar ykdysadyýetine geçmegini çaltlandyrmak»;
- «Hususy bölegiň giňelmegine ýardam etmek üçin makroykdysady dolandyryşy güýçlendirmek, bu bölegiň ýurduň JIÖ-däki paýy 2010-njy ýyldaky 40 göterim bilen deňeşdirilende 2020-nji ýyla çenli 70 göterime deň bolmalydyr»;
- «Telekeçiligi ösdürmäge we kiçi we orta kärhanalary giňeltmäge ýardam»; we
- «Bazaryň zerurlyklaryny seljermek, maglumatlary ýygnamak we seljerme geçirmek üçin endikleri ösdürmek».

Şeýle hem taslama Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň arasynda 2016-2020-nji ýyllar üçin tassyklanan Ýurt boýunça maksatnamanyň Hereketler meýilnamasynda beýan edilen „Özgertmeler nazaryýeti" bilen baglanyşyklydyr we „Kanunyň hökmürowanlygy we ykdysadyýeti diwersifisirlemek" 3 ileri tutulýan ugruň durmuşa geçirilmegine ýardam edýär.

## III. NETIJELER WE HYZMATDAŞLYK GATNAŞYKLARY

### *Garaşylýan netijeler*

Taslamanyň maksady innowasion telekeçilik modelini we sanly özgertmeleri işläp taýýarlamakda Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet bankyna goldaw bermek bolup durýar. Taslamanyň çäklerinde şu dört netije gazanylar diýlip garaşylýar:

***Netije 1: TDYIDB-nyň maliýe hasabatlarynyň MHHS bilen laýyklygy üpjün edildi*** - şu çäreleri geçirmek arkaly gazanylar:

1.1. MHHS 9 standartynyň talaplaryny ýerine ýetirmek üçin TDYIDB-nyň maliýe hasabatlaryny özgertmegi amala aşyrmak

1.2. MHHS 9 standartynyň maliýe gurallary boýunça birnäçe okuw seminarlaryny geçirmek;

1-nji netijäniň gazanylyşy şu görkezijileriň kömegi bilen ölçener:

1.1 TDYIDB-nyň 2019-njy ýyl üçin maliýe hasabaty MHHS 9 standartyna laýyklykda taýýarlandy

1.2 TDYIDB-nyň MHHS 9 standarty öwredilen işgärleriniň sany

1.3 Okuwy geçen TDYIDB-nyň zenan işgärleriniň sany

***Netije 2: TDYIDB-nyň infrastrukturasy we işgärleri sanly tehnologiýalara geçmek üçin taýýarlandy*** - şu çäreleri geçirmek arkaly gazanylar:

2.1 Daşarky üpjün ediler bilen maglumat ulgamyny we infrastrukturany dolandyrmak и внедрение в цифровой банкинг üçin MT hyzmatlaryny etmek hakynda ylalaşyk baglaşmak

2.2 MT dolandyrmak we tehnologiýalar ulgamynda bilimleri we tejribäni alyşmak

2.3 MT enjamlaryny we tehnologiýalaryny satyn almak

2-nji netijäniň gazanylyşy şu görkezijileriň kömegi bilen ölçener:

2.1 Okuw geçen MT boýunça işgärleriň sany

2.2 MT infrastrukturasy we programma üpjünçiligi häzirki zaman enjamlary bilen täzelendi

### *Garaşylýan netijeleri gazanmak üçin zerur bolan serişdeler*

Ýokarda sanalyp geçilen netijeleri gazanmak maksady bilen, taslama institutlar/kompaniýalar bilen daşarky potrat ylalaşygy esasynda ýokary hünärli halkara bilermenleri çekmegi, şeýle hem aýratyn geňeşçileri çekmegi göz öňünde tutýar. Çekilen bilermenleriň bank işi, maliýe, telekeçilik we ösüş ugurlarynda iş tejribesi bolmalydyr, olaryň halkara maliýe institutlary barada gowy bilimleri, GDA sebitinde iş tejribesi we Türkmenistanda degişli gurşaw barada gowy bilimleri bolmalydyr, şeýle hem olar iňlis we rus dillerini (dilden we ýazmaça) gowy bilmelidirler. Şeýle hem taslama halkara bilermenlerine kömek etmek üçin birnäçe ýerli geňeşçiler çekiler. Bu geňeşçileriň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy-hukuk ulgamy, hususan-da, ýurduň bank we maliýe sektory babatynda we sanly tehnologiýalara geçilişi barada gowy düşünjeleri bolmalydyr. Şeýle hem taslamanyň çäklerinde TDYIDB üçin öňdebaryjy maglumat-koomunikasiýa tehnologiýalaryny we bank tehnologiýalaryny satyn almak meýilleşdirilýär, satyn almak işi BMGÖMI-nyň kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylar.

### *Hyzmatdaşlyk gatnaşyklary*

Taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda BMGÖM we TDYIDB Merkezi bank, Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we Türkmenistanyň täjirçilik banklary, şeýle hem Bütindünýä banky, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky we Aziýa Ösüş banky ýaly Türkmenistanyň bank we maliýe

sektoryny ösdürmek ulgamynda işlerini amala aşyrýan halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýarlar.

BMGÖM bilen TDYIDB-nyň arasynda gatnaşyklaryň ösmegi - şu taslamanyň garaşylýan netijesi – BMGÖM, döwletiň maliýe edaralary bilen halkara maliýe institutlarynyň, hususan-da, Yslam Ösüş bankynyň (YÖB) arasynda gatnaşyklary pugtalandyrmaga goşant bolar diýlip çaklanylýar. Strategik esasda hyzmatdaşlygy höweslendirmegiň, öz gezeginde, taslamanyň garaşylýan netijesi hem bolup durýandygy sebäpli, taslama üç taraplaýyn hyzmatdaşlygy (Türkmenistan bilen YÖB-nyň we BMGÖM-nyň arasynda) ösdürmäge ýardam eder.

# IV. NETIJELERIŇ GURLUŞY

**BMG-nyň Ýurt boýunça maksatnamasynyň matrisasynda görkezilişi ýaly, garaşylýan ahyrky netije:**
Ykdysadyýeti durnukly diwersifisirlemek ýoly bilen inklýuziw iş bilen üpjünçilige ýardam edýän strategiýalar bar we kadalar ýönekeýleşdirildi. Çeşme: BMG-TKM RPP 2016-2020 Netije 7.

**BMG-nyň Ýurt boýunça maksatnamasynyň matrisasynda görkezilişi ýaly, ahyrky netijeleriň görkezijileri, başlangyç maglumatlary we maksatlaýyn görkezijileri goşmak bilen:**
Täze synag başlangyçlaryna gönükdirilen, ykdysadyýeti diwersifisirlemäge degişli döwlet, pudaklaýyn we sebit maksatnamalarynyň, şol sanda KOK-y ösdürmek boýunça maksatnamalaryň sany

**BMG-nyň Strategik meýilnamasyndan ulanarlyk aralyk netije (ler):**
Ykdysadyýeti durnukly diwersifisirlemek ýoly bilen inklýuziw iş bilen üpjünçilige ýardam edýän strategiýalar bar we kadalar ýönekeýleşdirildi.
Çeşme: BMG-TKM 2016-2020 ýyllar üçin Hereketler meýilnamasy.

**Taslamanyň ady we belgisi (ATLAS Project Number):** Bank işinde telekeçiligi alyp barmak we sanly özgertmeler ulgamynda goldaw

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | NETIJE GÖRKEZIJILERI | MAGLUMAT ÇEŞMESI | BAŞLANGYÇ MAGLUMATLAR | | MAKSATLAÝYN GÖRKEZIJILER | | | MAGLUMATLARY ÝYGNAMAGYŇ USULLARY WE TÖWEKGELÇILIKLER |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Görkeziji | Ýyl | Ýyl 1 | Ýyl 2 | Gutarnykly | |
| **Ahyrky netije 1** TDYIDB-nyň maliýe hasabatlarynyň MHHS-na laýyklygy üpjün edildi | *1.1 TDYIDB-nyň 2019-njy ýyl üçin maliýe hasabaty MHHS 9 standartyna laýyklykda taýýarlandy* | *Taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* | 0 | 2018 | *1* | - | *1* | *Taslamanyň menejeri tarapyndan taýýarlanan taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* |
| | *1.2 TDYIDB-nyň MHHS 9 standarty boýunça okuw geçen işgärleriniň sany* | *Taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* | Ýok | 2018 | - | 5 | 5 | |
| **Ahyrky netije 2** TDYIDB-nyň infrastrukturasy we işgärleri sanly tehnologiýalara geçmek üçin taýýarlanyldy | *2.1 Dasary yurtda okuw geçen MT boýunça hünärmenleriň sany* | *Taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* | Ýok | 2018 | - | 2 | 2 | *Taslamanyň menejeri tarapyndan taýýarlanan taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* |
| | *2.2 MT infrastrukuturasy we programma üpjünçiligi häzirki zaman enjamlary bilen täzelendi* | *Taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* | 0 | 2018 | | *Hawa* | *Hawa* | *Taslamanyň menejeri tarapyndan taýýarlanan taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* |
| | *2.1 Iş ýerinde okuw geçen MT boýunça hünärmenleriň sany* | *Taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* | Ýok | 2018 | *20* | - | *20* | *Taslamanyň menejeri tarapyndan taýýarlanan taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat* |

## V. MONITORING WE BAHA BERMEK

| Monitoring boýunça iş | Maksat | Döwürleýinlik | Garaşylýan hereket |
|---|---|---|---|
| **Netijeleri gazanmakda öňegidişlige syn etmek** | Netijeleriň we serişdeleriň gurluşynda netijeleriň indikatorlaryna laýyklygy babatynda taslamanyň ýerine ýetirilişi baradaky maglumatlar ylalaşylan jemleýji netijeleriň gazanylyşyna degişlilikde taslamada öňegidişlige baha bermek üçin ýygnalar we seljeriler. | Her çärýekde ýa-da her bir indikator üçin talap edilýän döwürde. | Eger öňegidişlik göz öňünde tutulandakydan has haýal barýan bolsa, onda bu meselä taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan serediler. |
| **Monitringi amala aşyrmak we töwekgelçilikleri dolandyrmak** | Bellenen netijeleriň gazanylmagyna howp salyp biljek anyk töwekgelçilikleri kesgitlemek. Töwekgelçikler žurnalyny peýdalanmak bilen töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça hereketleri kesgitlemek we olara gözegçilik etmek. Bu BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda talap edilip bilinjek monitoring çärelerini we meýilnamalaryny öz içine alýar. Audit barlaglary BMGÖM-nyň maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak maksady bilen auditleri geçirmek boýunça düzgünlerine laýyklykda geçiriler. | Her çärýekde | Töwekgelçiliklere taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan kesgitlenýär we töwekgelçiligi dolandyrmak boýunça çäreler görülýär. Ýüze çykarylan töwekgelçiliklere we görlen çärelere syn etmek üçin töwyekgelçilikler žurnaly işjeň ýöredilýär. |
| **Öwrenmek** | Bilimler, öňdebaryjy tejribe we sapaklar yzygiderli gurşalyp alnar. Mundan başga-da, olary beýleki taslamalardan we hyzmatdaşlardan alyp we şu taslama goşup bolar. | Iň bolmanda her ýyl | Degişli sapaklar taslamanyň topary tarapyndan gurşalyp alynýar we ýolbaşçylygyň oýlanyşykly çözgütlerini kabul etmek üçin peýdalanylýar. |
| **Taslamanyň hiline her ýylky barlag** | Taslamanyň hiline taslamanyň güýçli we gowşak taraplaryny kesgitlemek üçin we taslamany gowulandyrmak maksady bilen ýolbaşçylyk derejesinde oýlanyşykly çözgütleri çykarmak üçin BMGÖM-nyň hil standartlaryna laýyklyklygy babatynda baha berler. | Her ýyl | Güýçli we gowşak taraplaryna taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan serediler we taslamany amala aşyrmagyň görkezijilerini gowulandyrmak maksatlarynda oýlanyşykly çözgütleri kabul etmek üçin peýdalanylar. |
| **Işiň ugruna gaýtadan seretmek we düzediş girizmek** | Oýlanyşykly çözgütleri çykarmak üçin ähli monitoring hereketleri boýunça maglumatlara we faktlara içerki syny taýýarlamak. | Iň bolmanda her ýyl | Taslamanyň ýerine ýetirilişi baradaky maglumatlar, töwekgelçilikler, sapaklar we hili Taslama Geňeşi tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylar we işiň ugurlaryna düzediş girizmek üçin peýdalanylar. |
| **Taslamany durmuşa geçirmegiň barşy barada maglumat** | Işiň barşy barada hasabat Taslama Geňeşine we esasy gyzyklanýan taraplara berler we jemleýji netijeler derejesinde deslapdan kesgitlenen ýyllyk aralyk maksatlara laýyklygy babatynda gazanylan netijelery görkezýän işiň barşy baradaky maglumatlary, taslamanyň hiliniň ýyllyk reýtinginiň gysgaça syny, netijelerini ýeňilleşdirmek boýunça çäreler bilen bilelikde, töwekgelçilikleriň täzelenen žurnalyny we baha bermek we syn bermek boýunça şu döwürde taýýarlanan ähli hasabatlary öz içine alar. | Her ýyl we taslamanyň ahyrynda (jemleýji hasabat) | |
| **Taslama syn bermek (Taslama Geňeşi)** | Taslamany dolandyrmagyň mehanizmi (ýagny Taslama Geňeşi) taslamany amala aşyrmagyň netijelerine baha bermek we taslamanyň amala aşyrylýan döwrüniň bütin dowamynda býujetiň hakyky düzülmegini üpjün etmek maksady bilen, Işleriň Köp ýyllyk meýilnamasyna seretmek üçin taslama yzygiderli syn bermek geçiriler. Taslama Geňeşi alnan sapaklary gurşap almak we giňeltmek üçin mümkinçilikleri hem-de taslamanyň netijelerini millileşdirmek we degişli auditoriýa bilen alnan sapaklary ara alyp maslahatlaşmak üçin taslama tamamlanandan soň syn bermegi geçirmelidir. | Iki ýylda bir gezek | Hile degişli meseleleriň ählisi we göz öňünde tutulandakydan has haýal öňegidişlik Taslama Geňeşi tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmalydyr we ýolbaşçylygyň hereketleri ýüze çykarylan menseleleri çözmek üçin ylalaşylmalydyr. |

## VI. ÝYLLYK IŞ MEÝILNAMASY

**Senesi: 01.10.2019 – 31.12.2019**

| Garaşylýan netijeler | Meýilleşdirilen çäreler | Durmuşa geçirilýän möhletleri | | | | Jogapkär tarap | Meýilleşdirilen býujet | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1 çär | 2 çär | 3 çär | 4 çär | | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň ýazgy beýany | Pul möçberi (ABŞ dollarynda) |
| Ahyrky netije 1<br>TDYIDB-nyň maliýe hasabatlarynyň MHHS-na laýyklygy üpjün edildi | 1.1 MHHS 9 standartynyň talaplaryny ýerine ýetirmek üçin TDYIDB-nyň maliýe hasabatlaryny özgertmegi amala aşyrmak | | | | | Halkara ekspert | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200<br>Halkara maslahat hyzmatlarynyň bahasy (1 hünärmen x 30 gün x $750) | 22500 |
| | | | | | | | | 71600<br>Ýol çykdajylary*$250*30+ $1250*1gatnaw +$29 ýisa+$188 terminal | 8967 |
| | | | | | | Ýerli maslahatçy | Türkmenistanyň Hökümeti | 71300<br>Ýerli maslahat hyzmatlarynyň bahasy ($1000*2 hünärmen *3 aý) | 6000 |
| | | | | | | | | 64300, 74500<br>Amal çykdajylary | 750 |
| | Jemi, ahyrky netije 1: | | | | | | | | **38217** |
| | Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylar, 7% | | | | | | | 75100 | 2675 |
| | **Jemi, ahyrky netije 1, Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylaryny, 7%, goşmak bilen** | | | | | | | | **40892** |
| Ahyrky netije 2<br>TDYIDB-nyň infrastrukturasy we işgärleri sanly tehnologiýalara geçmek üçin taýýarlanyldy | 2.1 Maglumat ulgamyny we infrastrukturany dolandyrmak üçin MT hyzmatlaryn etmek hakynda daşarky potratçylar bilen ylalaşyk baglaşmak | | | | | IKT ulgamynda işleýän halkara ekspert | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200<br>Halkara maslahat hyzmatlarynyň bahasy (2 hünärmen x 20 gün x $600) | 24000 |
| | | | | | | | | 71600<br>Ýol çykdajylary *$250*10*2adam+$75 0*2gatnaw +$29 ýisa+$188 terminal | 13868 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | 71300 Ýerli maslahat hyzmatlarynyň bahasy (2 hünärmen *3 aý*$1000) | 6000 |
| | 2.2 Bank ulgamynda dolandyrmak we tehnologiýalar ulgamynda bilimleri we tejribe alyşmak | | | | | Halkara ekspert | BMGÖM | 71200 Halkara maslahat hyzmatlarynyň bahasy (1 hünärmen x 7 gün*$600) | 4200 |
| | | | | | | | | 71600 Ýol çykdajylary*$250*5+$ 1215*1gatnaw+$10 nesirler +$29 ýisa+$188 terminal | 2682 |
| | | | | | | | | 75700 Okuwlar и seminarlar: 20 adam*$10(kofe arakesme)+$24 (gündizki nahar)+$2(suw)+$10 (kanselýar harytlary)*5 gun+2 terjumeçi*$618 +$9Neşirler* 20adam | 3118 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 1000 |
| | **Jemi, ahyrkyf netije 2:** | | | | | | | | **54868** |
| | Olardan Hökümetiň serişdeleri | | | | | | | | **44868** |
| | Jemi BMG-nyň Ösüş Maksatnamasy | | | | | | | | **10000** |
| | Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylar, 7% | | | | | | | 75100 | 3141 |
| | **Jemi, ahyrky netije 2, Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylaryny, 7%, goşmak bilen** | | | | | | | | **58009** |
| Taslamanyň Dolandyrylmagy | Işgärleriň zähmet haky | | | | | Taslamanyň menejr | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň ýolbaşçysy $2,559 x 3 aý, kömekçisi (15%) x $213*3 aý) | **8316** |
| | Aragatnaşyk we internet | | | | | | | 72400 | **1000** |
| | Edarada ulanylýan zatlar | | | | | | | 72500 | **200** |
| | Umumy | | | | | | | | **9516** |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylar, 7% | | | | | | | 75100 | **666** |
| | Umumy taslamanyň dolandyrylmagy | | | | | | | | **10182** |
| **JEMI**<br>**Türkmenistanyň Hökümeti**<br>**BMGÖM** | | | | | | | | | **109083**<br>**99083**<br>**10000** |

**Senesi: 01.01.2020 – 31.12.2020**

| Garaşylýan netijeler | Meýilleşdirilen çäreler | Durmuşa geçirilýän möhletleri | | | | Jogapkär tarap | Meýilleşdirilen býujet | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1 çär | 2 çär | 3 çär | 4 çär | | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň ýazgy beýany | Pul möçberi (ABŞ dollarynda) |
| Ahyrky netije 1<br>TDYIDB-nyň maliýe hasabatlarynyň MHHS-na laýyklygy üpjün edildi | 1.1 MHHS 9 standartynyň maliýe gurallary boýunça birnäçe okuw seminarlaryny geçirmek | | | | | Halkara ekspert | Türkmenistanyň Hökümeti | 71600<br>Ýol çykdajylary:1 adam*5 gatnaw) | 10000 |
| | | | | | | | | 75700<br>Okuwlar и seminarlar: 25 adam* 3 okuw | 10000 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 1000 |
| | **Jemi, Ahyrky netije 1:** | | | | | | | | **21000** |
| | Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylar, 7% | | | | | | | 75100 | 1470 |
| | **Jemi, ahyrky netije 1, Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylaryny, 7%, goşmak bilen** | | | | | | | | **22470** |
| Ahyrky netije 2<br>TDYIDB-nyň infrastrukturasy we işgärleri sanly tehnologiýalara geçmek üçin taýýarlanyldy | 2.1 Maglumat ulgamyny we infrastrukturany dolandyrmak üçin MT hyzmatlaryn etmek hakynda daşarky potratçylar bilen ylalaşyk baglaşmak | | | | | IKT ulgamynda işleýän maslahatçy | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200<br>Halkara maslahat hyzmatlarynyň bahasy (2 hünärmen x 30 gün x $600) | 36000 |
| | | | | | | | | 71600<br>Ýol çykdajylary *$250*10*2adam+$70 0*3gatnaw +$29 visa+$188 terminal | 20502 |
| | | | | | | | | 71300<br>Ýerli maslahat hyzmatlarynyň bahasy (2 hünärmen *12 aý*$1000) | 24000 |
| | 2.2 Bank ulgamynda MT dolandyrmak we tehnologiýalar ulgamynda bilimleri we tejribe alyşmak | | | | | IKT ulgamynda işleýän maslahatçy | Türkmenistanyň Hökümeti | 71600<br>Ýol çykdajylary (2 adam*$259*5gun+$70 0petek +$100 visa+$188 terminal) | 4566 |
| | | | | | | | | 75700<br>Okuwlar и seminarlar: 2adam* $2000 okuw bahasy | 4000 |
| | 2.3 Sanly bankingiň gizirilmegi üçin MT enjamlaryň we tehnologiýalaryň | | | | | IKT ulgamynda işleýän | Türkmenistanyň Hökümeti | 72400<br>MT enjamlary | 150000 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | hem-de programma üpjünçiligiň satyn alynmagy | | | | | kompaniýa | | 72800 Programma üpjünçiligi | 200000 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 2000 |
| | **Jemi, Ahyrky netije 2:** | | | | | | | | **441068** |
| | Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylar, 7% | | | | | | | 75100 | 30875 |
| | **Jemi, ahyrky netije 2, Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylaryny, 7%, goşmak bilen** | | | | | | | | **471943** |
| Taslamanyň Dolandyrylmagy | Işgärleriň zähmet haky | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň ýolbaşçysy $2559 x 12 aý, kömekçisi (15%) x $213*12 aý) | **33264** |
| | Aragatnaşyk we internet | | | | | | | 72400 | **4000** |
| | Edarada ulanylýan zatlar | | | | | | | 72500 | **500** |
| | Umumy | | | | | | | | **37764** |
| | Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylar, 7% | | | | | | | 75100 | **2643** |
| | Umumy taslamanyň dolandyrylmagy | | | | | | | | **40407** |
| **JEMI Türkmenistanyň Hökümeti** | | | | | | | | | **534820 534820** |

## VII. GURLUŞ DÜZÜMI WE DOLANDYRYŞ MEHANIZMLERI

Taslama Milli ýerine ýetiriş mehanizmini peýdalanmak bilen amala aşyrylar. Taslamany durmuşa geçirmek boýunça milli hyzmatdaş hökmünde Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky (TDYIDB) taslamany durmuşa geçirmegiň ähli jähtlerine gözegçiligi amalap aşyrar. TDYIDB Taslamanyň milli utgaşdyryjysy (TMU) hökmünde uly işgäri bellär, ol taslamanyň ýerine ýetirilişine gözegçiligiň amala aşyrylyşy üçin esasy jogapkär adam bolar.

Taslamany umumy dolandyrmak Taslama Geňeşi tarapyndan amala aşyrylar, onuň düzümine TDYIDB we BMGÖM girer. Taslamany milli utgaşdyryjy (TMU) Taslama Geňeşiniň başlygy bolar, BMGÖM ähli duşuşyklary guramaga we dolandyrmaga hem-de beýleki görnüşde maglumatlary alyşmaga goldaw berer. Taslama geňeşiniň ýygnagy iň bolmanda ýylda iki gezek, ýagny geljek ýyl üçin Ýyllyk iş meýilnamany we geçen ýylyň hasabatlaryny makullamak üçin geçiriler. Zerur bolan halatynda TMU goşmaça ýygnaklary çagyryp biler. Taslama Geňeşi Taslama umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar we onuň başlanmagy, ugry, oňa syn berilmegi we gutarnykly ýapylmagy üçin jogapkärçilik çekýär. Taslamanyň çäklerinde Geňeş ýokary ýolbaşçy edara bolup durýar. Ol zerur bolan ähli serişdeleriň bölünip berilmegini üpjün edýär, taslamanyň çäklerindäki islendik konfliktlerde kazynyň ornunda çykyş edýär ýa-da taslama bilen taslamanyň hereket edýän çygrynyň daşyndaky islendik taraplaryň arasynda ýüze çykan ol ýa-da beýleki meseleleri çözmek boýunça gepleşikleri alyp barýar.

BMGÖM Taslama Geňeşi tarapyndan makullanan meýilnamalara laýyklykda, taslamany dolandyrmakda we onuň hilini üpjün etmekde TDYIDB-na goşular. BMGÖM-nyň taslama boýunça işiniň köp bölegi Aşgabatda Ýurt edara binasynyň binýadynda, BMGÖM-nyň Hemişelik wekiliniň orunbasarynyň we zerur bolanda BMGÖM-nyň Hemişelik wekiliniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylar.

Taslamanyň gündelik amallary taslamanyň Menejeri tarapyndan amala aşyrylar, ol halkara we milli bilermenleriň we assissent işgärleriň işine ýolbaşçylyk eder. Taslamanyň işgärleri taslama boýunça şu Taslama Resminamasynda göz öňünde tutulan işiň we Taslama Geňeşi tarapyndan makullanan islendik üýtgetmeleriň amala aşyrylmagy üçin jogapkärçilik çekerler. Taslama Geňeşiniň her ýygnagyna taslamanyň menejeri taslama işi boýunça işleriň barşy barada hasabat taýýarlaýar, hasabata soňky gazanylan üstünlikler, töwekgelçilikler we onuň netijelerini ýeňilleşdirmiek boýunça teklip edilýän çäreler goşulýar. Taslamanyň menejeri, şu taslama boýunça gol çekilen resminamalaryň talaplaryna laýyklykda, BMGÖM we Hökümet üçin talap edilýän ähli ýyllyk hasabatlaryň taýýarlanmagy üçin hem jogapkärçilik çekýär. Kömek bermek hakynda standart binýatlyk ylalaşygyň III maddasyna laýyklykda, menejer TDYIDB-nyň jaýlarynda işlär.

Taslama anyk taslama işlerini durmuşa geçirmek üçin bilermenleri, şol sanda uzak möhlet bilen milli geňeşçini we gysga möhlet bilen halkara bilermenlerini çeker. BMGÖM-nyň sebitdäki merkeziniň hünärmenleri hem taslama işine goldaw bermäge çekiler. Taslama bilermenleriň çykdajylaryny çeker.

BMGÖM-nyň ýurtdaky edarasynyň işgärleri taslama boýunça ähli administratiw işleri, şol sanda logistika we iş ýöretmek boýunça işleri amala aşyrmaga taslama ýardam ederler. Mundan başga-da, ýurtdaky edara belli bir administratiw wezipeleri (mysal üçin, satyn almalary we maliýäni dolandyrmagy) amala aşyrmakda Hökümete administratiw goldawy üpjün eder. Soňky wezipeler bilen bagly harajatlar boýunça, „Aýratyn düzgünler“ atly 1-nji goşundyda görkezilen şertlere laýyklykda, Göni Taslama Harajatlary maddasy boýunça hasap berler.


Taslamanyň guramaçylyk gurluşy
Taslama geňeşi
Benefisiar
[TDYIDB]
Hyzmatlary üpjün edili
[BMGÖM]
Hili kepillendiriji
[BMGÖM]
Taslamanyň
menejeri
Administratiw
işgärler
Uzak möhletli esasda
çekilen maslahatçy
Potratçy kompaniýalar
Gysga möhletli esasda
çekilen bilermenler,
geňeşçiler

# VIII. HUKUK KONTEKSTI WE TÖWEKGELÇILIKLERI DOLANDYRMAK

Şu taslama resminamasy, Türkmenistanyň Hökümeti bilenn BMGÖM-nyň arasynda 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda gol çekilen Kömek bermek hakynda standart binýatlyk ylalaşygyň 1-nji maddasynda görkezilişi ýaly, gural bolmalydyr. Binýatlyk ylalaşykdaky „Ýerine ýetiriji agentlige" salgylanmalaryň ählisi „Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşa" salgylanmalar hasap ediler.

Şu taslama Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky, ýagny „Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş" tarapyndan onuň maliýe ýagdaýyna, kadalaryna, usullaryna we düzgün-tertibine laýyklykda, diňe olaryň BMGÖM-nyň Maliýe düzgünleriniň we kadalarynyň ýörelgelerine garşy gelmeýän ýagdaýynda amala aşyrylar. Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň maliýe dolandyryşynyň bahalaryň amatly gatnaşygyny, adalatlylygy, ak ýürekliligi, aýdyňlygy we netijeli halkara bäsleşigini üpjün etmek üçin talap edilýän gollanmany bermeýän ýagdaýynda BMGÖM-nyň maliýe dolandyryşyny ulanmaly bolar.

**Töwekgelçilikleri dolandyrmagyň standartlary**

1. Binýatlyk ylalaşygyň III madasyna laýyklykda, Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň, onuň işgärleriniň we emläginiň, şeýle hem BMGÖM-nyň onuň ygtyýaryndaky emläginiň goralmagy we howpsuzlygy üçin jogapkärçilik Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň üstüne düşýär. Şunuň bilen baglylykda, Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş şulara borçlydyr:

a) taslamanyň ýerine ýetirilýän ýurdunda howpsuzlyk boýunça ýagdaýy nazara almak bilen, howpsuzlyk boýunça degişli meýilnamany işläp taýýarlamak we berjaý etmek;

b) Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň howpsuzlygy boýunça ähli töwekgelçilikleri we borçlary öz üstüne almak we howpsuzlyk boýunça meýilnamany doly amala aşyrmak.

2. BMGÖM şunuň ýaly meýilnamanyň bardygyny barlamak we zerur bolan ýagdaýynda meýilnama üýtgetme girizmegi teklip etmek hukugyny özünde saklap galýar. Şu ýerde göz öňünde tutulan talaplara laýyklykda, howpsuzlygy üpjün etmegiň degişli meýilnamasynyň bolmazlygyna ýa-da onuň ýerine ýetrilmezligine şu Taslama Resminamasynyň çäklerinde Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň borçlarynyň bozulmagy hökmünde serediler.

3. Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş Taslama Resminamasyna laýyklykda alynýan serişdeleriň hiç bir böleginiň terrorçylyk bilen baglanyşykly aýry-aýry adamlary ýa-da guramalary goldamak üçin peýdalanylmajakdygyny we şu ylalaşyk boýunça BMGÖM tarapyndan berilýän islendik pul möçberini alýanlaryň Howpsuzlyk Geňeşiniň 1267 (1999) belgili rezolýusiýa laýyklykda döredilen Komitetiniň sanawyna goşulmandygyny kepillendirmek üçin oýlanyşykly ähli tagallalary etmäge ylalaşýar. Görkezilen sanawy şu salgyda tapyp bolar: http://www.un.org/sc/committees/1267/aq_sanctions_list.shtml. Bu düzgün şu Taslama Resminamasy boýunça baglaşylýan ähli kömekçi potratçylyk şertnamalaryna ýa-da ylalaşyklaryna goşulmalydyr.

4. BMGÖM-nyň Maksatnamalaryna, Amal Ýörelgelerine we Düzgünlerine laýyklykda, durmuş we ekologiýa durnuklylygy BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryny (http://www.undp.org/ses) we degişli Hasabata degişlilik mehanizmini (http://www.undp.org/secu-srm) ulanmak ýoly bilen gowulandyrylyp bilner.

5. Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş şulary ýerine ýetirmelidir: (a) taslamanyň we maksatnamanyň çäklerindäki çäreleri BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda ýerine ýetirmeli, (b) şu standartlary berjaý etmek maksady bilen, taslama we maksatnama üçin taýýarlanan töwekgelçilikleri dolandyrmak we olaryň netijelerini ýeňilleşdirmek meýilnamasyny amala aşyrmaly we (ç) ähli meselelere we Hasabata degişlilik mehanizminiň üstünden gelip gowşan şikaýatlara konstruktiw we öz wagtynda seretmeli we çözmeli. BMGÖM ähli bileleşikler we taslamanyň beýlekiy gyzyklanýan taraplarynyň Hasabata degişlilik mehanizmi barada maglumatlary almaklary üçin şert döretmäge we maglumatlary olar üçin elýeter etmäge çalşar.

6. Taslama Resminamasyna gol çeken ähli taraplar maksatnamanyň ýa-da taslamanyň çäklerinde ol ýa-da beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilişine baha bermek ýa-da BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlarynyň berjaý edilişine baha bermek boýunça islendik çäreler amala aşyrylanda ak ýürekden hyzmatdaşlyk etmelidirler. Bu taslamanyň amala aşyrylýan ýerleriniň elýeter bolmagyny, şeýle hem degişli işgärleriň, maglumatlaryň we resminamalaryň elýeter bolmagyny öz içine alýar.

## IX. AÝRATYN DÜZGÜNLER

1. Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMGÖM-nyň arasynda 2016-njy ýylyň 22-nji iýunynda baglaşylan Bilelikde maliýeleşdirmek hakynda ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda, Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky şu resminamany durmuşa geçirmek üçin 633,903.00 (alty ýüz otuz üç müň dokuz ýüz üç) amerikan dollary möçberinde gatanç berer, bu pul möçberi aşakdaky şertlere laýyklykda BMGÖM-nyň hasabyna geçiriler.

2. TDYIDB, tölegleriň aşakda görkezilen tertibine laýyklykda, manat ekwiwalentinde 316,951.50 (üç ýüz on alty müň dokuz ýüz elli bir dollar we elli) amerikan dollary möçberindäki gatanjy BMGÖM-nyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň Türkmen-türk täjirçilik bankyndaky manat hasabyna geçirer, hasaplaşyk hasaby 23203934273168502583000:

| Tölegleriň tertibi | Pul möçberi |
|---|---|
| 20.10.2019 | 49,541.50 amerikan dollary |
| 10.01.2020 | 267,410.00 amerikan dollary |

3. TDYIDB, tölegleriň aşakda görkezilen tertibine laýyklykda, dollar ekwiwalentinde 316,951.50 (üç ýüz on alty müň dokuz ýüz elli bir dollar we elli) möçberindäki gatanjy BMGÖM-nyň Citibank N.A, 111 Wallstreet New York, NY 10043, account no. 36349562 and details: SWIFT no.CITIUS33, ABA no. 021000089:

| Tölegleriň tertibi | Pul möçberi |
|---|---|
| 20.10.2019 | 49,541.50 amerikan dollary |
| 10.01.2020 | 267,410.00 amerikan dollary |

4. ABŞ-nyň dollaryndan başga pulda geçirilen ýagdaýynda bu tölegiň möçberi BMG-nyň geçirilen serişdeleriň kabul edilen senesindäki çalşyk hümmetini peýdalanmak ýoly bilen kesgitlenmelidir. BMGÖM tarapyndan serişdeler doly özleşdirilmänkä BMG-nyň salşyk hümmeti üýtgän mahalynda galan serişdeleriň gymmatyna, degişilikde, gaýtadan baha berler. Şunuň ýaly ýagdaýda galan serişdeleriň balansynda ýitginiň bolandygy kesgitlense, BMGÖM Hökümet tarapyndan goşmaça maliýeleşdirmek mümkinçiligi barada Hökümete habar berýär. Goşmaça maliýeleşdirmegiň mümkin bolmadyk ýagdaýynda, şu Ylalaşygyň çäklerinde Hereketler Meýilnamasyna goldaw bermek BMGÖM tarapyndan kemeldilip, soňa goýlup ýa-da bes edlilip bilner.

5. Tölegleriň ýokarda getirilen tertibi tölegleriň meýilleşdirilen çäreler geçirilip başlanmazyndan öň amala aşyrylmalydygy baradaky talaby hasaba almak bilen düzüldi. Bu tertibe taslamany durmuşa geçirmegiň barşyna laýyklykda üýtgetmeler girizilip bilner.

6. BMGÖM taslamany durmuşa geçirmegiň maksatlaryna gönükdirilen Gatanjy özüniň hereket edýän kadalaryna, düzgünlerine, syýasatyna, BMGÖM-nyň düzgün-tertibine we direktiwalaryna, şol sanda, hususan-da, BMGÖM-nyň Ýerine Ýetiriji Geňeşi tarapyndan neşir edilen Maliýe kadalaryna laýyklykda alýar, dolandyrýar we peýdalanýar.

7. BMGÖM çäreleriň durmuşa geçirilişi we taslamanyň maliýe serişdeleriniň peýdalanyşy baradaky hasabaty, ýokarda görkezilen, 2016-njy ýylyň 22-nji iýunynda gol çekilen, Bilelikde maliýeleşdirmek hakynda ylalaşygyň 4-nji maddasyna laýyklykda, TDYIDB-na berýär. Ähli maliýe hasaplary we hasabatlar ABŞ-nyň dollarynda görkezilmelidir.

8. Eger çykdajylaryň ýa-da borçnamalaryň garaşylmadyk ýerden (hümmetsizlenme ýagdaýlarynyň, puluň hümmetiniň üýtgemeginiň ýa-da öňünden görülmedik ýagdaýlaryň netijesinde) ýokarlanmagyna garaşylýan ýa-da bu bolup geçen bolsa, onda BMGÖM zerur bolan geljekki maliýeleşdirmegi beýan edýän goşmaça çykdajy sanawyny öz wagtynda Hökümete bermelidir. Hökümet talap edilýän goşmaça serişdeleriň alynmagy üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmelidir.

9. Eger ýokarda görkezilen tölegler tölegleriň tertibine laýyklykda alynmadyk we taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda goşmaça möhletde Hökümet ýa-da beýleki çeşmeler tarapyndan gelip gowuşmaýan bolsa, onda BMGÖM şu Ylalaşygyň çäklerinde taslama üçin berilýän kömegi azaldyp, togtadyp ýa-da bes edip biler.

10. Gatanja degişli göterimlerden gelip gowuşýan girdejileriň ählisi BMGÖM-nyň hasabyna geçirilmelidir we BMGÖM-nyň bellenen düzgün-tertibine laýyklykda peýdalanylmalydyr.

BMGÖM-nyň Ýerine ýetirji geňeşiniň çözgütlerine we direktiwalaryna laýyklykda:

Gatanja şu harajatlar degişli edilmelidir:

(a) BMGÖM-nyň ştab-kwartirasy we ýurtdaky edarasy tarapyndan umumy dolandyryş goldawynyň berilmegi bilen bagly gytaklaýyn harajatlaryň öwezini dolmak üçin 7%

(b) BMGÖM we durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş tarapyndan berilýän, amala aşyrmak boýunça hyzmatlar üçin göni harajatlar.

11. Gatanç serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilen enjamlara, materiallara we gaýry emläge bolan eýeçilik hukugy, şol enjamlar iberilýänçä we otusrdylýança, BMGÖM-na degişlidir. Gatanç serişdeleriniň hasabyna satyn alnan enjamlara bolan eýeçilik hukugy şol enjamlar oturdulandan soň, BMGÖM-nyň kadalaryna we düzgün-tertibine laýyklykda BMGÖM-dan TDYIDB-na berler.

# X. AKRONIMLER WE GYSGALTMALAR

| | |
|---|---|
| **AÖB** | Aziýa ösüş banky |
| **GDA** | Garaşsyz döwletleriň arkalaşygy |
| **ÝE** | Ýurtdaky edara |
| **ÝTÖB** | Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky |
| **JIÖ** | Jemi içerki önüm |
| **YÖB** | Yslam ösüş banky |
| **HMI** | Halkara maliýe instituty |
| **IRH** | BMGÖM-nyň Stambuldaky sebit merkezi |
| **ISS** | Taslamalary durmuşa geçirmäge goldaw bermek boýunça hyzmatlar |
| **GMS** | Umumy dolandyryş goldawy üçin çykdajylar |
| **GSC** | Hökümetiň gatnaşmagynda bilelikde maliýeleşdirmek |
| **ÖDÄ** | Özara düşünişmek hakynda ähtnama |
| **TMU** | Taslamany milli utgaşdyryjy |
| **EKA** | Eksporrt-karz agentligi |
| **ÖMÇM** | Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-nyň arasynda ylalaşylan, 2016-2020-nji ýyllar üçin Ösüş maksatlarynda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasy. |
| **NGD** | Netijelere gözükdirilen dolandyryş |
| **KBHSBY** | Kömek bermek hakynda standart binýatlyk ylalaşyk |
| **KOK** | Kiçi we orta kärhanalar |
| **GGTMH** | Güýçli we gowşak taraplary, mümkinçilikler we howplar |
| **DÖM** | Durnukly ösüş maksatlary |
| **TDYIDB** | Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky |
| **TKM** | Türkmenistan |
| **TRAC** | Yzygiderli malisýe serişdeleri |
| **BMGÖM** | Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy |
| **BSG** | Bütindünýä söwda guramasy |